Ylmy Hasabat | Umumy Jemleme

Annette Bohr

Russiýa we Ýewroaziýa Programmasy | 2016-njy ýylyňMart aýy

# Türkmenistan: Häkimiýet, Syýasat we Nebit Awtoritarizmi



# Umumy Jemleme

Türkmenistan ýigrimi birinji asyryň iň basyjy režimleriniň biri diýen ada mynasyp boldy. Bu ozalky Sowet respublikasy, garaşsyzlyk döwrüniň ilkinji prezidenti Saparmyrat Niýazow tarapyndan, 1985-nji ýyl bilen 2006-njy ýylyň aralygynda tä ol ölýänçe dolandyryldy. Onuň ornuna bellenen Gurbanguly Berdimuhamedowyň täsirli syýasy, ykdysady we sosial reformalary amala aşyrjakdygyna edilen umytlar puja çykdy.

Şonuň bilen bir wagtda, Türkmenistan dünýäniň in uly tebigy gaz ýataklarynyň käbirlerine eýe bolup durýar we gitdigiçe möhüm global energiýa hyzmatdaşyna öwrülip barýandygy ykrar edilýär. Ol uly möçberde gaz eksportirlemäge ýagdaýy bolan hem-de ýurduň eksport ýollaryny dürlileşdirmäge çuňňur gyzyklanýan az sanly tebigy gaz öndüriji döwletleriň arasynda orun eýeleýär, we hatda indi Hytaýy iň uly möçberde tebigy gaz bilen üpjün edýän döwlet bolup durýar. Emma iş ýüzünde, gazy daşarky bazara çykarmakda hemme tarapdan ep-esli kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýar.  Sebitdäki gaz üpjünçiligi ýollarynda bähbidi bolan Russiýa, Eýran, Hytaý, Azerbaýjan, we Türkiýe ýaly ýurtlaryň özara bäsdeşikli resurs maksatnamalarynyň bardygy sebäpli, Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklaryndaky wakalara hem-de öz gazyny daşarky bazarlara çykarmagyna umyt döredýän uzak aralykly gaz geçiriji taslamalarynyň netijelerine, üns bilen syn edilýär.

Resurslara eýe bolan beýleki käbir döwletlerde bolşy ýaly, Türkmenistanyň ýolbaşçylygy, merkezleşdirmek we giň ýaýrawdaky howpsuzlyk gulluklaryny we goldaw guramalaryny maliýeleşdirýän uglewodorod serişdeleriniň satyşyndan gelýän girdejilere kontrollyk etmek ýoly bilen, häkimiýet başynda saklanyp bilýär. Türkmenistanyň ilat sanynyň azlygy hem-de tebigy gaz bazasyny döwletiň monopoliýalaşdyrmagy, nebit awtoritarizminiň bu görnüşiniň durnuklylygy we dowamlylygy üçin amatly şert döredýär.

Bu hasabat Türkmenistanda güýç strukturalarynyň şeýle - de alnyp barylýan içeri we daşary syýasatlaryň režimiň öz-özüni gorap saklamagyna niýetlenendigini belleýär. Prezident Berdimuhamedow we onun kiçi elita toparynyň ýurduň içeri we daşary syýasatlaryny özgertmäge güýjüniň ýetýändigine garamazdan, jemgyýetiň talaplaryny belli bir derejede kanagatlandyryp we pikir aýralygyny kontrol astynda saklap bilýän wagtynda, reforma geçirmäge itergi beriji sebäp görmeýär.

Global energiýa bahalarynyň peselmegi, Rus rublynyň hümmetiniň pese gaçmagy, we Hytaýyň ykdysady ösüş depginiň haýallamagyna garamazdan, Türkmenistanyň dolandyryjylary heniz-de, akyşyň ugrundaky paýdarlaryň (nebit, gaz) almagy üçin rugsady bermegi uzaga çekdirme syýasatyny ýöredýärler. Diňe aýgytly ykdysady çöküş dörän ýagdaýynda, şelfdäki nebit we gaz bloklaryna degişli önümçiligi bölüşmek ylalaşyklaryny çäklendirmek çemeleşiginden ýüz öwürmegine garaşmak bolar.

Hökümetiň 1993-nji ýylda güýje giren we gymmata düşýän döwlet subsidiýa ulgamyny kemeldip başlandygyna garamazdan, bu halkyň içinde möhüm derejede nägilelik döretmedi. Şunlukda, meýletin ýagdaýda reformalara garaşmak bolmaz, we ýurtda sistema özgerişlikleri bolmazdan, giň möçberde halk protestleri ýüz bermese gerek. Bu hasabatda näme üçin 1991-nji ýylda Sowet döwleti dargandan soňra, awtoritar prezident häkimiýetiniň çuňňur kök urandygy we näme üçin bu ýurtda erkinleşmegiň, keşp hem mazmun taýdan tas düýbünden ýokdygy düşündirilýär.

## Häkimiýetiň durnuklylygy: režim geçişiniň uzaga çekdirmegi

Türkmenistanda häkimiýetiň ornaşan sistemasy ünsden sypmajak dowamlylyk görkezdi. Berdimuhamedowyň 9 ýyllyk häkimiýetinden soňra, ýurt heniz-de reformalaşmakdan daşda durýar. Häzirki prezidentiň öňki döwlet baştutanynyň iň weýrançlylykly syýasatlarynyň käbirlerini aradan aýyrmaga gönükdirilen ençeme çäreler geçirendigine hem-de ýurduň düýp gurluşyna ep-esli möçberde maýa ýatyrandygyna garamazdan, garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji prezidenti Saparmyrat Niýazowyň goýup giden dolandyryş ýörelgeleri şu gün hem öz güýjünde galýar. Hatda ýurdy uzak wagt dolandyran bir diktatoryň ölüm ýagdaýynda hem, yzyny yzarlamak prosessi sistemanyň sarsmazlygyny hem-de ýaşamaga ukyplylygyny tassyklady. Bu gurluş faktorlarynyň, medeniýete daýanýan ýada köneden gelýän gelip çykyşy ýokdur, eýsem ýönekeý, şahsy bähbitlere daýanýar.

Arap ýazyna meňzeş gozgalaňlaryň ýada Kubada Batista döwründe, Eýranda Şa döwründe edilen agdarylyşyklar ýaly hadysalaryň Türkmenistanda ýüze çykjagy gümana. Türkmenistan döwleti, özge pikirliligiň öňüni almak we demokratiýa ugrundaky gysyşlary gowşatmak üçin ägirt resurs baýlygyny ulanýar. Bilimli kadrlaryň ýiti ýetmezçilik edýändigi, intellektual toparyň kiçidigi, ýokary synpyň ýygy-ýygydan repressiýasy, bilim pudagynyň gowşamagy, senagat bazasynyň yzagalaklygy we ýokary synpyň ýaýbaň näresmi ulgamy, bularyň hemmesi, elbetde erkinleşdirmäge tarap itergi berenok. Ýurt içinde we daşyndaky oppozisiýa toparlaryň güýji ýetmän, halkara goldaw hem alyp bilmeýärler. Raýat jemgyýetini ösdürmek we jebis aragatnaşyklary ýola goýmak üçin şertleriň düýpden ýoklugy garşylygyň köpçülikleýin protestlere öwrülmegini kynlaşdyrýar.

## Içerki syýasat

Kadrlar syýasaty özgeriş bolup biljek bir ugur. Niýazowyň döwründe bolşy ýaly, kadr çalşyklary henizem ýygy-ýgydan amala aşyrylýar, emma orta synp döwlet işgärleri, öz wezipelerinde has uzak wagt oturyp bilýärler we öz güýç bazalaryny döredip bilýärler. Uzak möhletleýin nukdaýnazardan seredeniňde, döwlet işgärleriniň orta gatlagynyň emele gelmegi, prezidentiň ýokary synpa degişli toparlary ugrukdyrmak we merkezleşdirilen kontrollyk häkimiýetini saklamak ukybyny gowşadyp biler. Häkimiýetiň ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy we kazyýet şahasynyň wezipelerine degişlilikde baş kanunda bellenen kesgitlemelere garamazdan, diňe ýerine ýetiriji pudak hakyky ygtyýarlyklara eýe bolup durýar. Saýlawlarda öňkiden tapawutlylykda köpräk saýlamak bolýandygyna garamazdan, garaşsyz Türkmenistanda ýerli derejede hem bütin ýurt möçberinde geçirilýän saýlawlar we referendumlarda, Sowet döwründe geçirilen saýlawlaryň ençeme häsiýetleri bar.

Bir bütewi millet-halk döretmek hereketlerine garamazdan, regional baglylyklar dowam edýär. Halky ýolbaşçynyň töwereginde jemlemek we milli agzybirligi berkitmek synanşyklary,

oppoziýanyň döremeginiň hem-de regional, tire-taýpa ýada millet-ara dawalar ýaly içerki bölünişigiň emele gelmeginiň öňüni almaga gönükdirilýär. Emma milli birligi berkitmek synanyşyklary, prezidentiň Ahal-Teke taýpasynyň agzalarynyny dolandyryjy edaralarda we biznes guramalarynda san taýdan agdyklyk edýänligi zerarly, olaryň deňleriň arasynda iň öňdäkilerdigi düşünjesini ornaşdyrýar. Döwlet iş ýüzünde diňe milli medeniýeti wasp edýän maglumat serişdelerini we sungat önümlerini goldamak syýasatyny ýöredýär. Iňlis diliniň mekdeplerde hökmany sapak hökmünde okadylýandygyna garamazdan rus diliniň umumy dil hökmünde ähmiýetiniň kiçeldilmegi, Türkmenistany ýeke dilli döwlete aýlandyrdy we häkimiýetleriň halky üzňelikde saklamak işini ýeňilleşdirdi.

## Durmuş we ykdysadyýet

Türkmenistanyň ýolbaşçylygynyň höküm sürmeginiň sebäbi we esasy özüni häkimiýet başynda saklamakdan ybaratdyr. Bu bolsa, başga pikirliligiň öňüni almak bilen amala aşyrylýar we şonyň netijesinde raýatlaryň hereketleri gözegçilik astynda saklanyp, raýat azatlyklary çäklendirilýär. Berdimuhamedowyň dokuz ýyllyk häkimiýeti ynsan hukuklary meselesinde ösüş-özgeriş getirmedi. Raýat jemgyýeti ösdürilmeýär we jemgyýetçilik guramalarynyň aglaba köpçüligi hökümetiň tarapyny çalýar ýa-da göni hökümet tarapyndan goldanýar. Ähli mediýa gurluşlary hökümet eýeçiliginde bolup, senzura boýun egdirilýär we obýektiw mazmunly maglumat berilmeýär. Türkmenistan internet elýeterliligi boýunça dünýä möçberinde iň yzdaky döwletleriň hatarynda bolup, internetiň işleýşiniň hili pesdir. Halk, tizligi pes we gymmat baha internet ulanýar. Hökümet, resmi hasaba alynmadyk, hökümete degişli däl guramalary berk kontrolyň gysajy astynda saklap bilýän hem bolsa, akylly telefonlar, sosial ulgamlar we raýat žurnalizminiň saýasynda Türkmenistanyň kiber giňişliginiň daşyna çekilen gorag diwarynda jaýryklar emele geldi we bu jaýryklary ýapmak häkimiýetlere aňsat başartmasa gerek.

Türkmenistanda syýasat bilen jemgyýetiň ýapyk häsiýeti ýurtda yslamçy toparlaryň bardygy ýa ýokdygy barada kesgitli bir netijä gelmegi kynlaşdyrýar we bu barada çaklamalara ýol açýar. Ýöne welin ýerli däp-dessurlaryň giňden ýaýranlygy, Sowet döwründe dine uýanlaryň yzarlanmagy, şeýle-de hökümetiň Yslamy millet/halk döretmek hereketiniň möhüm bir parçasy hökmünde sistema bilen utgaşdyrmaga çalyşmagy, Yslam ideologiýasynyň tiz ýaýramagyna päsgel berýär. Ykdysady durmuşda parahorlyk höküm sürýär. Gaz eksportyndan gelýän girdejiler, arka tapyjylyk aragatnaşyklaryny saklamak üçin sarp edilýär. Oňa derek hemaýat berijiler, öz şahsy bähbitlerinden ugur alyp, häzirki ýagdaýyň goralyp saklanmagyna goşant edýärler. Pudaklara degişli umumy maglumatlardan başga, döwlet býujetinden daşardaky pullaryň sarp edilşi beýle-de dursun, hatda býujet we hökümediň çykdajylary barada hem köpçülige hiç hili maglumat ýetirilmeýär. Uglewodorod serişdeleriniň satylmagyndan gelýän girdejiler baradaky maglumatlar hiç bir döwlet guramasy tarapyndan çap edilmeýär. Höküm sürýän korrupsiýa we ýaşyrmayk endigi maýa goýum şertleri üçin amatsyz ýagdaý döredýär. Şeýle maglumatlaryň ýaýramagyna rugsat berlen ýagdaýynda syýasy sebäplidir ýada ýokardakylar bilen dilleşilendir diýip güman edilýär. Daşary ýurt kompaniýalary syýasy aralaşmalaryň we baýlyklarynyň eden-etdilik bilen elinden alynmagy howpy astyndadyrlar.

Berdimuhamedowyň režimi düýpgurluşa ep-esli möçberde maýa goýdy, saglygy goramak we bilim pudaklaryna sarp edilýän pullary artdyrdy. Emma durmuşa geçirilen taslamalaryň köpüsi diňe göz

üçin edilene çalym edýär we oba ýerleriniň kämilleşdirilmegi üçin ýeterli derejede alada edilmedi. Soňky ýyllarda ýokary bilim alýan talyplaryň sany barha ýokarlanyp, Sowet zamanasynyň soňky ýyllarynyň derejesine ýetdi we hökümetiň hünär derejeli kadrlara zerurlyk barlygyny ykrar edýändigini äşgär-aýan etdi.

## Daşary ýurtlar bilen gatnaşyklar

“Hemişelik bitaraplyk“ syýasaty Türkmenistanyň daşary syýasatynyň özenini düzýär. Bu syýasat uglewodorod serişdeleriniň eksporty üçin dürli döwletler bilen tranzit transport koridorlary we bazarlar gurmak hem-de bu goňşy döwletleriň geo-syýasat maksatlaryna goşulmazlyk ýoly bilen öz garaşsyzlygyny berkitmegine mümkinçilik döretdi. Türkmenistanyň bitaraplygynyň nätakyk häsiýeti ony ýagdaýa görä öwürmek bilen, biri-birine gapma-garşylykly şertler bilen sazlaşdyrmagyna mümkünçilik döretdi. Muny hususan-da Amerikanyň Birleşen Ştaatlary bilen Owganistan barada eden strategik hyzmatdaşlygynda görüp bolýar. Käbir halk bilen gatnaşyklary gowulandyrmaga niýetlenilen başlangyçlar netijesinde amala diýersiň Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygy astynda Türkmenistanyň sebitde hyzmatdaşlyga ymtylmagy bilen halkara üzňeliginiň gutarandygy täsiri dörän hem bolsa, muňa güwä geçip edip biljek aýdyň subutnama ýokdur.

Türkmenistanyň baş maksady daşarky güýçleriň we ideologiýalaryň täsirini azaltmakdan, şol bir wagtyň özünde-de daşary ýurtlar bilen söwdanyň göwrümini artdyryp, gaz eksport ýollaryny dürlileşdirmekden ybaratdyr. Berdimuhamedowyň döwründe daşary ýurtlar bilen diplomatik gatnaşyklaryň ösendigine garamazdan, halkara jemgyýetçiligi bilen çynlakaý iş salyşmak ugrunda az ädimler ädildi. Häzirki hökümet hem edil öňküsi ýaly halkara guramalara goşulmakdan ýüz öwürýär we özbaşdak hereket etmek azatlygyny çäklendirip biljek ýada ünsi özüne çekip biljek gatnaşyklardan gaça durýar. Ýöne bir möhüm tapawut göze ilýär. Niýazowdan tapawutlylykda, Berdimuhamedowyň Türkmenistany giň sebitiň söwda merkezine aýlandyrmak meýilnamasy, transport we energiýa taslamalarynynyň köpelmegi bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň ählisi bilen gatnaşyklarynyň gowulanmagyna alyp bardy.

## Energetika syýasaty: Türkmenistan Ýewraziýada sahnanyň öň tarapynda

2009-njy ýylda Türkmen uglewodorod serişdelerine Russiýanyň islegi azalandan gysga wagt soňra, Hytaýa gaz daşaýan Trans-Aziýa gaz geçiriji işe girizildi. Ýöne bu garaşylmadyk bagt Berdimuhamamedowyň hökümedini iri energiýa kompaniýalaryna rugsady bermegi giýjikdirmek syýasatyny gowşatmaga itermedi. Türkmenistan gaz döwi diýen ada doly mynasyp bolar ýaly öz potensiýalyny ösdürmekde we müşderi bazasyny dürlileşdirmekde peýdaly bolup biljek hyzmatdaşlyk binýady döretmelidir. Hytaýa gaz eksporty girdejileriň yzygiderliligini üpjin edýän hem bolsa, energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlarynda bahasynyň aşaklamagy, Türkmenistanyň Russiýa we belkem Eýrana hem gaz satyşynyň togtamagy, Türkmenistanyň beýle howplara garşy durup bilmän öňünden çäre görmeginiň wajypdygyny görkezdi.

Hytaýyň Türkmenistandaky energiýa taslamalary, öz kärhanalaryna gözleg hem önümçilik mümkinçiligini döretmek, transport we bazary kepillendirmek hem-de olaryň gapdalyndan ýurduň

içine we daşynda beýleki taslamalary döretmek çemeleşiginden ugur alýar. Hytaýyň döwlet tarapyndan ugrukdyrylýan syýasaty we nebit-gaz kompaniýalarnyny syýasy dolandyryjylar bilen jebis gatnaşygy, energiýa taslamalaryny gypynçsyz maliýeleşdirmegi hem-de Aşgabada ylalaşyklar toplumyny hödürlemegi üçin amatlyklar döretdi. Energiýa ýollaryny dürlileşdirmeklige degişlilikde, esasy gymmatlyklar barasynda Türkmenistan bilen Günbataryň garaýyşlaryndaky çaprazlyk, gazy Günorta ugur boýunça Hazar deňiziniň gündogar kenaryndan Günorta Kawkazyň üsti bilen Türkiýä we Ýewropa akdyrmaklygy ündeýän Trans Hazar gaz geçirijisini amala aşyrmak meselesinde bolşy ýaly hiç bir beýleki meselede beýle aýdyň ýüze çykmady.  Hopwsyzlyk meselesi we beýleki töwekgelçilikler, Türkmenistan-Owganistan-Pakistan-Hindistan (TAPI) taslamasynyň durmuşa geçirilmegine uzak wagtdan bäri päsgel döredýär.

Teoriýada Türkmenistan, Eýranyň üsti bile gazy Türkiýä, Ýewropa hem-de Hindi ýarymadaysyna eksportirläp biler. Eýranyň atom programmasy barada E3/Ýewropa Bileleşigi+3 we Eýranyň arasynda gelnen ylalaşyk, Eýran ýolunyny açylmagynyň başlangyjy bolup biler we Ýewropanyň gaz üpjünçiligini Eýran gazy bilen dürlileşdirilmegi ähtimallygyny döredip biler. Iş ýüzünde welin, Eýran özünde gaz köp bolansoň Türkmenistanyň gazyny geçirmäge çyndan gyzyklanmaýar. Eýran TAPI taslamasyna bäsdeş bolup biljek täze bir taslamany yzarlaýar we şol sebäpden Türkmenistan edil özi ýaly täze gaz bazarlarnyny gözleýän Eýrana hyzmatdaş gözi bilen däl-de, bäsdeş gözi bilen garaýan bolsa gerek.

## Gatnaşdyrmak ýörelgeleri

Günbatarly syýasatçylaryň ünsi Türkmenistana degişlilikde, çetleşdir we gatnaşdyr çekeleşigi üstünde jemlenýär. Uzak wagtdan bäri dowam edip gelýän türkmen häkimiýetleriniň daşarky güýçleriň täsirini çäklendirmek synanşyklary sebäpli, Günbataryň hökümetleri we guramalary syýasy, ykdysady we goranyş höweslendirmelerini az ulanýarlar. Netijede Türkmenistan hyzmatdaşlygyň şerti hökmünde adam hukuklary babatda reformalary durmuşa geçirmegi we halkara guramalaryň maslahatlaryna laýyklykda iş alyp barmagy baradaky Günbatar döwletleriniň tagallaryna üns bermeýär we daşardan edilýän gysyşlar netijesiz bolýar. Muňa garamazdan, käbir Günbatar ýurtlary ösüşe höweslendirmek maksady bilen köplenç ýagdaýda Birleşen Milletler Guramasynyň we Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäginde ýörite taslamalar üstünde Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmegiň ýollaryny gözlemäge dowam edýärler.

Günbatarly döwletleriň demokratiýany we raýat jemgyýetini ösdürmek synanşyklarnya türkmen hökümedi şübhe bilen garaýar. Galybersede Yrak we Owganistanda uzaga çeken uruşlar zerarly, günbatarly güýçler Türkmenleriň we beýleki Merkezi Aziýa halklarynyň arasynda ynamdan gaçdy, demokratiýa gün tertibiniň öňe sürülmezligi bolsa goşa standartlar barada aýyplamalara sebäp boldy.

Üstesine köp Türkmenler demokratiýany boş bir ideologik gurluş hasap edýärler. Şol sebäpden, ösüş-özgeriş ugrundaky tagallalar oba hojalygy, saglygy goraýyş we bilim ulgamlary ýaly syýasy däl ugurlara gönükdirilmeli. Üýtgeşmeler näresmi gurluşlara we garaýyşlara ýüzlenmek bilen amala aşyrylmaly. Günbatarly hökümetler we halkara guramalar tarapyndan peýdaly çemeleşikler şu tagallalary öz içine almalydyr:

- Türkmenistanyň häkimiýetlerini uglewodorod serişdeleriniň satyşyndan gelýän girdejileri, degişli dokumentleri köpçülige el ýeterli etmek ýoly bilen, açyklygy we hasabat bermek jogapkärçiligini güýçlendirmäge höweslendirmeli. Hususanda uglewodorod resurslaryny dolandyrmak we ulanmak boýunça döwlet edarasynyň maliýe baýlyklary aýan edilmelidir we bu edaranyň arkaýyn býujetden daşary pullary sarp edip durmak ygtyýarlygy meselesi gozgalyp durulmalydyr.

- Parahorlygyň ösmegine goşant edýän hukuk kadalaryny we düzgünleri günbatarly döwletleriň dykgatyna ýetirmeli.

- Saglygy goraýyş ulgamynda açyklygy goldamak we saglygy goramak bilen hususanda neşe maddalarynyň ulanylşy we ýokanç keseller bilen baglylykda dogruçyl we hemmetaraplaýyn maglumat berilmegi üçin häkimiýetlere gysyş edilmeli. Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan ýoýulan saglygy goraýyş maglumatlara salgylanmak endigini goýbolsun etmeli. Bu fakt Serhetsiz Lukmanlar guramasy tarapyndan hasaba alnypdy.

- Türkmenistanyň hökümeti bilen ikitaraplaýyn duşuşyklarda, adam hukuklarynyň we din azatlygynyň ýagdaýy barada ynjalyksyzlanma beýan edilmeli we Türkmenistanda kanunlaryň we düzgünleriň halkara standartlaryna laýyklykda ýöremeginiň usulyny gözlemeli. Günbatar döwletleriň ilçihanalaryny we halkara guramalaryň ýerli wekillerini ynsan hukuklary boýunça aktiwistler bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmaga höweslendirmeli. Türkmenistandaky ýagdaýa degişli halkara forumlarynda syn edilmegini üpjün etmeli. Türkmenistanda adam hukuklarynyň bozulmagy ýagdaýyna gözegçilik ediň we hasabat ýörediň. Aýry-aýry meseleleriň göterilip çykarylmagy, käbir halatlar üstünlikli bolupdy.

- Türkmenistanyň häkimiýetlerinde Birleşen Milletler Guramasynyň komitetlerine we adam hukuklaryna goraýjy gurluşlara diňe kanundan parçalary görkezmäge derek, wakalaryň ýerinden jemlenen maglumatlary hödürlemäge höwes döretmeli.

- Türkmenistana degişlilikde Birleşen Ştatlaryň halkara din azatlygy baradaky komissiýasy tarapydan berlen “aýratyn ynjalyksyzlandyrýan döwlet” diýen adyň saklanmagy gerek. Türkmenistanyň hökümetini resmi hasaba alynmadyk dini hereketlere, din bilimi we edebiýatlaryna bolan gadagançylygy aradan aýyrmaga höweslendirmeli.

- Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň wekilleriniň Türkmenistanyň türmelerine we türme toplumlaryna baryp görmeginiň ýagdaýyny gowulandyrmak ugrundaky gysyşlary dowam etdirmek maslahat berilýär.

- Mekdep çagalarynyň, talyplaryň, mugallymlaryň we beýleki döwlet işgärleriniň açylyş, ýokary derejeli daşary ýurtly myhmanlary garşy alyş we ýyllyk hasyl ýygymy ýaly döwlet tarapyndan hemaýatkärlik edilýän wakalara hökmany suratda gatnaşdyrylmagyny bes etmeli.

- Esasy prinsiplerini iş ýüzüne geçirmek ýerli žurnalistlara kyn düşýän mediýä ugrundan tälim beriji kurslara derek, bellenilen bir wagtyň çygyrynda, türkmen habar bölümlerinde tejribeli halkara žurnalistlaryň, ýerli redaktorlar bilen işleşip, praktiki maslahatlar we ugrukdyrmalar berip bilmegi üçin rugsat soramaly.

- Azatlyk Radiosy, BBC, Amerikanyň Sesi, Doýçe Welle (Nemes Tolkuny) ýaly daşary ýurtlardan gepleşik berýän halkara neşirlere, rus we türkmen dillerinde ilata gymmatly alternatiw maglumat berýän az sanly çeşme hökmünde, goldaw bermeli.

- Adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary ýola goymak ugrunda Türkmen häkimiýetleri bilen iş alyp barmaga synanyşmaly. Bilelikdäki bilim we medeni maksatnamalaryny durmuşa ornaşdyrmagy maslahat berip, şol sanda ozalky Türk-Türkmen mekdepleriniň mysalynda bilelikdäki mekdepleri gurduryň. Alyş-çalyş programmalaryna goýberilýän maliýe serişdelerini köpeltmek bilen, ýurduň çäginden daşarda Türkmenistanly talyplar we hünärmenler üçin bilim mümkinçiliklerini döretmeli. Ilçihanalar hünärmentlere wiza we stipendiýa berilmegi üçin ýeňillikler döretmeli.

- 1993-nji ýyldan 2012-nji ýyla çenli Türkmenistanda iş alyp baran we hökümetiň güýçlenip barýan gözegçiligi sebäpli ýapylan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Parahatçylyk Korpusynyň işiniň dikeldilmegini ýygy-ýygydan teklip etmeli.

- Suwy tygşytly ulanmakda, suwaryş desgalaryny abatlamakda we döwrebaplaşdyrmakda tejribesi bolan Ysraýyl ýaly döwletler bilen hyzmatdaşlyga höweslendirmeli. Türkmenistan dünýä möçberinde ýyl hasaby boýunça jan başyna iň köp suw sarp edilýän döwlet bolup durýar (Jan başyna 5,300 kub metr, ýada Birleşen Ştatlarynda sarp edilýän suwdan üç ýarym esse köp) we munyň özi Türkmenistanyň "ýer ýüzünde suwy iň köp isrip edýän döwlet" diýip tanalmagyna getirmeli.1

Soýuzdan soňky Türkmenistanda, awtoritar dolandyryşyň şahsileşdirilen häsiýetine garamazdan, syýasy we jemgyýetçilik durmuşy öňküligine galýar. Niýazowyň 2006-njy ýyldaky ölüminden soňra Döwlet Howpsuzlygy Geňeşi ýokary synpyň ylalaşygyna laýyklykda, sessiz-üýnsiz, tizden-tiz we içerki garşylyk peýda bolmazdan, Berdimuhamedowy prezidentiň wezipesini ýerine ýetiriji edip belledi. Hatda Niýazowyň şahsiýet kultuny ýaýradan baş propagandaçylar hem bir Türkmen prezidentiniň kultunyň beýlekisinde dowam etmegini üpjin etdiler. Eger-de Türkmenistanyň awtoritar režiminden geçiş emele gelse, onda ol demokratik keşbe eýe bolman, gaýtam Özbegistanda we Gazagystanda bolşy ýaly tire-taýpa-maşgala dolandyryşy görnüşine eýe bolsa gerek.

Demokratiýalaşma teoriýalary boýunça pioner Barbara Geddes režim çalyşyklaryndan çykarmaly sapaklaryň biri hökmünde, demokratiýanyň ähtimalyygynyň ösen döwletlerde has ulydyny belläpdi.[2] Türkmenistanda reforma we erkinleşme ugrunda gysyşlar, ykdysady ösüş, şol sanda ýokary bilim derejesiniň ösmegi, ýörite bilimli iş orunlarynyň artmagy, şäherlileşmek we intellektual adamlaryň köpelmegi netijesinde, özgermeler toplumy bilen baglylykda döräp biler. Uzak möhletleýin nukdaýnazardan seredilende, ýöne örän ýuwaş depginde döwrebap aragatnaşyk tehnikalarynyň kömegi bilen halkda täze arzuwlar döremegi mümkin. Ýöne gysga möhletleýin nukdaýnazardan seredeniňde,Türkmenistanda nebit awtoritarizminiň, ýurduň ägirt uly tebigy gaz baýlygy, ilat sanynyň azlygy we tebigy gaza bolan global isleg esasynda dowam etmegi ahmal.

1 'Central Asian States are World's Leading Water Wasters', Eurasianet, 7 October 2014, http://www.eurasianet.org/node/70336; World Bank, World Development Indicators, http://databank.worldbank.org/data/reports.aspx?source=2&country=TKM&series=&period=.
2 Barbara Geddes, 'What Do We Know about Democratization after Twenty Years?', *Annual Review of Political Science*,Vol. 2, 1999, pp. 115–44, at p. 117.

Independent thinking since 1920

Chatham House, Halkara gatnaşyklary boýunça Şalyk instituty, Londonda ýerleşýän garaşsyz syýasat instituty bolup durýar. Biziň missiýamyz howpsuz, abadan we adalatly dünýä gurmaga kömekleşmekden ybaratdyr.

Ähli hukuklary goralan. Bu neşiriň hiç bir bölegi awtorluk hukugyny saklaýjynyň ýazylan rugsatnamasy bolmazdan, islendik görnüşde, kopiýalamak we ýazga geçirmek ýaly, elektroniki ýa mehaniki ýol bilen, ýada informasiýa saklamak we dikeltmek sistemasy arkaly, köpeldilip ýada ýaýradylyp bilinmez. Bu barada bolup biläýjek ähli soraglaryňyzy neşirýata gönükdirmegiňizi haýyş edýäris.

Chatham House öz pikirini beýan etmeýär. Neşirde beýan edilen pikirler awtoryň özüne degişlidir.

© The Royal Institute of International Affairs, 2016

Cover image © STR/AFP/Getty Images

The Royal Institute of International Affairs
Chatham House
10 St James's Square, London SW1Y 4LE
T +44 (0)20 7957 5700  F +44 (0)20 7957 5710
contact@chathamhouse.org  www.chathamhouse.org
Charity Registration Number: 208223